**Türkmenistanyň Prezidenti Serdar BERDIMUHAMEDOW:**
– Ýokary sportda Türkmenistany dünýä tanatmak meniň esasy maksatlarymyň biridir

# TALYP SPORTY

Talyp ýaşlaryň jemgyýetçilik-syýasy we ylmy-publisistiki neşiri

Esaslandyryjysy – Türkmen döwlet bedenterbiýe we sport instituty

Oktýabr, 2023 ý. 2-nji sany.
Arkadag Serdarly bagtyýar ýaşlar ýyly



# ARKADAGLY GAHRYMAN SERDARYMYZYŇ GÖRKEZMELERINDEN UGUR ALYP

Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe, Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň ýolbaşçylygynda, Garaşsyz, hemişelik Bitarap döwletimiziň içeri hem-de daşary syýasat ugurlarynda täze üstünliklere ýetilýär. Muňa döwlet Baştutanymyzyň 25 — 26-njy oktýabrda dostlukly Türkiýe Respublikasyna amala aşyran resmi saparynyň çuňňur many-mazmuny bilen tanyş bolanyňda hem aýdyň göz ýetirmek mümkindir.

Dostlukly ýurda resmi saparyň barşynda iki taraplaýyn şertnamalaryň, ylalaşyklaryň, ähtnamalaryň uly toplumyna gol çekildi. Olardan Türkmenistanyň Bilim ministrligi bilen Türkiýe Respublikasynyň Edukationokary Bilim Geňeşiniň arasynda ýokary bilim pudagynda hyzmatdaşlyk barada özara düşünişmek hakynda Ähtnamany aýratyn mysal getirmek bolar. Şeýle-de, medeniýet ulgamy, meteorologiýa, radio-telewideniýe, ulag-aragatnaşyk ýaly onlarça ugurlarda ylalaşyklar baglaşyldy. Türkmenistanyň Hökümeti bilen Türkiýe Respublikasynyň Hökümetiniň arasynda ýaşlar we sport pudagynda hyzmatdaşlyk şertnamasyny durmuşa geçirmek üçin 2024 — 2026-njy ýyllar üçin ýaşlar syýasaty ugrunda hyzmatdaşlygyň hereket meýilnamasyna gol çekildi.

31-nji oktýabrda Türkmen halkynyň Milli Lideri, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gurbanguly Berdimuhamedowyň başlyklyk etmeginde, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Prezidiumynyň mejlisi geçirildi. Onda şu ýylyň sentýabr aýynda bolup geçen Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň taryhy mejlisinde hormatly Prezidentimiz, Arkadagly Gahryman Serdarymyz tarapyndan döwletimiziň dürli ulgamlarynyň öňünde goýlan möhüm wezipeleriň amala aşyrylyşy ara alnyp maslahatlaşyldy. Mejlise gatnaşýan Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasarlary, aýry-aýry edaralaryň ýolbaşçylary bu möhüm tabşyryklaryň öz gözegçilik edýän ulgamlarynda durmuşa geçirilişi barada hasabat berdiler.

Mälim bolşy ýaly, paýtagtymyzda üstümizdäki ýylyň noýabr aýynda geçiriljek Kuraş boýunça dünýä çempionatyna ýokary depginlerde güýçli taýýarlyk görülýär. Mejlisde bu möhüm sport çäresine görülýän taýýarlyk işleri barada hasabat berlip, degişli tabşyryklar berildi.

Kuraş boýunça dünýä çempionatyna ýurdumyzyň, şol sanda Türkmen döwlet bedenterbiýe we sport institutynda tälim alýan talyp türgenlerimiz ýokary taýýarlyk derejesinde geldiler. Bu möhüm sport çäresinde ildeşlerimiziň üstünlikli çykyş edip, ýurdumyzyň sport abraýyny, hormatly Prezidentimiziň sport diplomatiýasyny ýene-de bir ýola dünýä ýaýjakdyklaryna ynanýarys.

**Agabaý AKMYRADOW,**
**Türkmen döwlet bedenterbiýe we sport institutynyň talyby.**

**Türkmen halkynyň Milli Lideri, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gahryman Arkadagymyzyň Arkadag şäheriniň Ruhyýet köşgünde Bilimler we talyp ýaşlar güni mynasybetli guran umumy sapagynda beýan eden 12 terbiýesi:**

**1) watançylyk terbiýesi;**
**2) döredijilik terbiýesi;**
**3) akyl we pikir terbiýesi;**
**4) ylym terbiýesi;**
**5) medeni aň-bilim terbiýesi;**
**6) kär-hünär terbiýesi;**
**7) sungat terbiýesi;**
**8) syýasy terbiýe;**
**9) maliýe-ykdysadyýet terbiýesi;**
**10) jemgyýetçilik terbiýesi;**
**11) dil terbiýesi;**
**12) ekologiýa, tebigata söýgi terbiýesi.**

## MILLI TERBIÝÄMIZIŇ GÖZÝETIMLERI

Türkmen halkynyň Milli Lideri, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gahryman Arkadagymyz Arkadag şäheriniň Ruhyýet köşgünde Bilimler we talyp ýaşlar güni mynasybetli guran umumy sapagynda şu günki ösüp gelýän ýaş nesiller üçin ata-baba dowam edip gelýän milli terbiýe mekdebimiziň esasy 12 sany çygryny aýratyn nygtap geçdi.

Biz — Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwrüniň ýaşlary, özümiziň bilim, ylym, terbiýe, hünär we durmuş ýolumyzda bu 12 terbiýäni ýol görkeziji mukaddes şamçyrag hökmünde hemişe gaýtalap, çuňňur many-mazmunyna barha köptaraply göz ýetirýäris, olara uýýarys,

**Gülnur BAÝLYÝEWA,**
**Türkmen döwlet bedenterbiýe we sport institutynyň sport žurnalistikasy hünäriniň 2-nji ýyl talyby.**

## GÜNÜŇ MÖHÜM SPORT WAKASY

Şu günler talyp türgenlerimiz üçin diýseň gyzgalaňly günler dowam edýär. Olar «Türkmenistan — ruhubelentligiň we sagdynlygyň ýurdy» diýen at bilen geçirilýän Uniwersiadanyň şowhunly ýaryşlarynda öz başarnyklaryny synaýarlar. Janköýerleriň sabyrsyzlyk bilen garaşan şol ýaryşlary ýurdumyzyň ýokary okuw mekdepleriniň sport durmuşyna ýatdan çykmajak täsirleri bagyşlaýar.

Gazetimiziň şu sanynda Uniwesiadanyň dowam edýän oýunlary we tamamlanan oýunlaryň netijeleri bilen tanşyp bilersiňiz.

Gurbanguly BERDIMUHAMEDOW

# Pähim-paýhas ummany Magtymguly Pyragy

Ähli şygyr äleminiň wepaly hyzmatkäri —
Pähim-paýhas ummany Magtymguly Pyragy.
Mizemez binalaryň peýmany-ygtybary —
Pähim-paýhas ummany Magtymguly Pyragy.

Uly-kiçi her bir işde kaýyldyr ol gullugyna,
Külli türkmen halky üçin ömür janly tildigine,
Alynmyşdyr asmanlaryň keramatly belligine,
Pähim-paýhas ummany Magtymguly Pyragy.

Baş egip külli türkmeniň eziz jana-janyna,
Müň togap bilen biz barýarys ýanyna.
Barymyzy şärik edýär ägirt şöhrat-şanyna,
Pähim-paýhas ummany Magtymguly Pyragy.

Müňýyllykdyr asyrlaryň nurana rowaýaty,
Kömegine mätäçlere — Taňrynyň hemaýaty,
Ähli mekan-zamanlaryň çyn-hakyky raýaty —
Pähim-paýhas ummany Magtymguly Pyragy.

Hormat goýýas päk ruhunyň baýramyna-toýuna,
Tagzym edýäs zer ýalkymly pikirine-küýüne.
Köpetdagyň eteginde galdy bu gün örboýuna,
Onuň Alyjenaby Magtymguly Pyragy.

Üç asyryň dowamynda geçen ýoly uludyr,
Halkynyň hem adamzadyň sadyk-sytdyh guludyr,
Hemişe we hemme ýerde şol bir Magtymguludyr,
Pähim-paýhas ummany Magtymguly Pyragy.
Onuň Alyjenaby Magtymguly Pyragy.

**Ýurdumyzda Arkadagly Gahryman Serdarymyz tarapyndan alnyp barylýan Bilim syýasaty netijesinde, ýokary okuw mekdeplerimiziň talyp ýaşlary, şol sanda Türkmen döwlet bedenterbiýe we sport institutynyň talyp ýaşlary gündelik guralýan umumy, amaly we söhbet sapaklary bilen birlikde döwletimiz we halkara derejelerinde geçirilýän dürli medeni, sport çärelerine işjeň gatnaşýarlar we olary giňden wagyz edýärler.**

**Gazetimiziň sanlaryny yzygiderli okamak bilen, okyjylarymyz bu aýdyň hakykata öz gözleri bilen göz ýetirip bilerler.**

## Gahryman Arkadagymyzyň ajaýyp dürdäneleri

# Tanyşdyryş dabarasy




Türkmen döwlet bedenterbiýe we sport institutynyň Mejlisler zalynda Türkmenistanyň Ylymlar akademiýasynyň akademigi, lukmançylyk ylymlarynyň doktory, professor Gahryman Arkadagymyzyň «Türkmenistanyň dermanlyk ösümlikleri» atly köp tomdan ybarat ylmy-ensiklopediki işiniň 15-nji kitabynyň tanyşdyryş dabarasy boldy. Oňa ýokary okuw mekdebimiziň ýolbaşçylary, Nediki-biologiki üpjünçilik kafedrasynyň professor-mugallymlary, talyp ýaşlar giňden gatnaşdylar.

Tanyşdyryş dabarasyny institutyň prorektory G. Sähedow açyp, Gahryman Arkadagymyzyň jöwher paýhasyndan dörän eserleriň her biriniň halkymyz hem-de dünýä okyjylary, dürli ugurlar boýunça hünärmenler üçin ýankitabyna öwrülýändigini belledi. Soňra professor-mugallymlar çykyş edip, bu ajaýyp işiň 15-nji kitabynda hem türkmen topragynda bitýän ösümlikleriň täze-täze görnüşleriniň dermanlyk häsiýetleri, olaryň ýygnalýan we dermanlyk serişdeler taýýarlanylýan döwürleri barada gyzykly ylmy esasly maglumatlaryň beýan edilendigini bellediler.

Mediki-biologiki üpjünçilik kafedrasynyň professor-mugallymlary öz çykyşlarynda täze kitapda beýan edilen ösümlikleriň dermanlyk häsiýetlerinden peýdalanmagy maslahat berdiler. Mälim bolşy, ýaly, institutymyzda Lukman Arkadagymyzyň bu ajaýyp ylmy-ensiklopediki işini aýratyn ders hökmünde okadylmak hem girizilendir.

Tanyşdyryş dabarasynyň dowamynda institutymyzyň «Sagdyn nesiller» aýdym-saz we tans toparynyň aýdym-sazly çykyşlary çärä gatnaşanlara ruhy lezzet paýlady.

Açylyş dabarasyna gatnaşanlar okyjylar köpçüligini täze-täze eserleri bilen begendirýän Gahryman Arkadagymyza, Arkadagly Gahryman Serdarymyza uzak ömür, jan saglyk, döwletli başlangyçlarynda üstünlik arzuw etdiler.

**Madina MAHMUDOWA,**
**Türkmen döwlet bedenterbiýe we sport institutynyň sport žurnalistikasy hünäriniň 5-nji ýyl talyby.**



# Haýyr-sahawatyň aýdyň nyşany

Berkarar döwletimiziň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe, Gahryman Arkadagymyzyň başlangyjy bilen, Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň ýolbaşçylygynda, ata-babalarymyzdan gelýän ýol-ýörelgelerimize, milli däp-dessurlarymyza mahsus bolan asylly işler durmuşa geçirilýär. Gahryman Arkadagymyzyň adyny göterýän Gurbanguly Berdimuhamedow adyndaky Howandarlyga mätäç çagalara hemaýat bermek boýunça haýyr-sahawat gaznasynyň döredilmegi hem asyrlarboýy dowam edip gelýän milli ynsanperwerlik medeniýetimize hormatdan nyşandyr.

Haýyr-sahawatyň nyşany hokmünde hormatly Prezidentimiz «Türkmenistanyň «Arkadag» medalyny döretmek hakynda» Türkmenistanyň Kanunyna gol çekdi. Resminama laýyklykda, medal bilen durmuş, jemgyýetçilik, ynsanperwerlik, haýyr-sahawat, meýletinçilik işleriniň ösmegine, lukmançylyk, sagaldyş-dikeldiş hyzmatlarynyň guralmagyna, şeýle hem hemaýata mätäç çagalara we ýaşlara maliýe we maddy kömegini, maslahatlary we usuly taýdan kömek bermekde uly goşant goşan Türkmenistanyň raýatlary we daşary ýurt raýatlary sylaglanylýar.

Halkymyzyň asyrlarboýy dowam edip gelýän baý medeniýetine, däp-dessurlaryna giňden sarpa goýýan türkmen halkynyň Milli Lideri Gahryman Arkadagymyza, Arkadagly Gahryman Serdarymyza uzak ömür, jan saglyk, döwletli başlangyçlarynda üstünlik arzuw edýäris.

**Annamyrat HALMEDOW,**
**Türkmen döwlet bedenterbiýe we sport institutynyň sport žurnalistikasy hünäriniň talyby.**



## Завоевали медали на чемпионате мира

В Таджикистане, в городе Худжанде завершился чемпионат мира по борьбе на поясах среди спортсменов 18-20 лет. На чемпионате, который прошёл с 12 по 15 октября приняли участие представители более 20 стран: Беларуси, Грузии, Казахстана, Туркменистана, Узбекистана и др. Зрительный зал Дворца спорта собрал несколько тысяч человек из числа болельщиков и любителей этого вида спорта.

Студенты, обучающиеся в Туркменском государственном институте физической культуры и спорта, завоевали четыре медали. Среди них Байрамов Кервен занял третье место по борьбе на поясах в весовой категории 82 кг. Мередалыев Зехин (57кг), Байраммаммедов Сылап (62кг) и Хемраев Гуванч (75кг) завоевали три бронзовые медали. А также в командном зачёте сборная Туркменистана заняла второе место.

**Сельби БЯШИМОВА,**
**студентка 3-его курса Туркменского государственного института физической культуры и спорта по специальности спортивная журналистика.**

## Haly muzeýine gezelenç



24-nji oktýabrda Türkmen döwlet bedenterbiýe we sport institutynyň Zenanlar guramasynyň guramagynda, ene-mamalarymyzyň çeper elleriniň halatyndan döran, müňýyllyk taryhy, milli däp-dessurlary, mukaddeslikleri bilen Watanymyzy şöhratlandyrýan, medeniýetimiziň aýrylmaz bir bölegi bolan, ÝUNESKO-nyň «Adamzadyň maddy däl medeni mirasynyň görnükli nusgalarynyň sanawyna» girizilen türkmen halysynyň dünýä mirasyndaky ornuny dabaralandyrmak, halyçylyk sungatyny ýaş nesillerimize ýetirmek maksady bilen, «Türkmenhaly» döwlet birleşiginiň Türkmen halysynyň milli muzeýine talyp gyzlaryň gezelenji guraldy.

Türkmen halysynyň milli muzeýinde talyp gyzlara ene-mamalarymyzdan ýadygär galan nepis halylary we el işleri görkezilip, olaryň taryhy barada gyzykly gürrüňler berildi.

Talyp gyzlar üçin gezelenjiň beren netijeleri gyzykly, ýakymly ýatda galyjy boldy.

**Göwher GARLYÝEWA,**
**Türkmen döwlet bedenterbiýe we sport institutynyň sport žurnalistikasy hünäriniň talyby.**

# HOŞALLYK MASLAHATY



Arkadagly Serdarly bagtyýar ýaşlar ýylynda ýurdumyzyň her bir güni şanly senelere we möhüm wakalara beslenýär. Şeýle buýsandyryjy wakalary yzygiderli wagyz etmek ýurdumyzda indi asylly däpleriň birine öwrüldi. Şol maksat bilen 25-nji oktýabrda Türkmen döwlet bedenterbiýe we sport institutynyň mejlisler zalynda Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gurbanguly Berdimuhamedowyň Hytaý Halk Respublikasyna amala aşyran iş sapary mynasybetli hoşallyk maslahaty geçirildi. Maslahata institutyň ýolbaşçylary, professor-mugallymlary we talyp ýaşlary gatnaşdylar.

Çäräniň dowamynda edilen çykyşlar Türkmen halkynyň Milli Lideri Gahryman Arkadagymyzyň Hytaý Halk Respublikasynyň Pekin şäherinde 17 — 20-nji oktýabr aralygynda geçirilen «Bir guşak, bir ýol» atly III ýokary derejeli halkara maslahatyň çäklerende ilkinji bolup çykyş etmegi we iki taraplaýyn gatnaşyklaryň has-da giňeldilmegi babatda alnyp barylýan işler hakynda tasirli gürrüň etdiler.

Maslahatda «Sagdyn nesiller» aýdym-saz toparynyň talyplarynyň ýerine ýetirmeginde, ýurdumyzy, Gahryman Arkadagymyzy, Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň başda durmagynda amala aşyrylýan beýik özgertmeleri wasp edýän şirin aýdymlar, sazlar ýaňlandy.

Hoşallyk maslahaty çärä gatnaşanlarda örän uly täsir galdyrdy.

**Allanur NURMÄMMEDOW,**
**Türkmen döwlet bedenterbiýe we sport institutynyň sport žurnalistikasy hünäriniň 3-njy ýyl talyby.**



# Dünýä çempionatynyň saýlama oýunlaryna taýýarlyk

**Türkmenistanyň futbol boýunça milli ýygyndysy 2026-njy ýylda geçiriljek Dünýä çempionatynyň saýlama duşuşyklarynyň öňüsyrasynda Birleşen Arap Emirlikleriniň Dubaý şäherinde halkara okuw-türgenleşik ýygnanyşygyny geçirdiler.**

Arkadag Serdarly bagtyýar ýaşlar ýylynyň 8 — 18-nji oktýabr aralygynda geçirilen okuw türgenleşik ýygnanyşygy milli ýygyndymyz üçin tejribe toplamaga örän uly mümkinçilik berdi. Ýygyndymyzyň türgenleşikleri yzygyderli alyp barmagy ugrunda ähli mümkinçilikler döredildi. Milli türgenlerimiz okuw-türgenleşiginiň dowamynda ýoldaşlyk duşuşyklaryny geçirdiler. 10-njy oktýabrda ýerli topar bolan «Dubai Unitediň» garşysyna «Dubai Sport Siti» stadionynda milli ýygyndymyz üstünlikli çykyş edip, 1-3 hasabynda ynamly ýeňiş gazandy. Pökgüleri milli ýygyndymyzyň agzalary Ruslan Mingazow, Myrat Annaýew, Elman Tagaýew derweze girizdiler.

15-nji oktýabrda milli ýygyndymyz ikinji ýoldaşlyk duşuşygyny BAE-niň geçen ýylky çempiony FC «Al Şabab Al-Ahli» toparynyň garşysyna Dubaý şäherinde ýerleşýän «Raşid stadium» stadionynda geçirdi. Netijede oýun Al Şabab Al-Ahli toparynyň peýdasyna 4-1 hasabynda tamamlandy. Duşuşykda milli ýygyndymyzyň ýeke-täk pökgüsini on bir metrlikden Myrat Annaýew garşydaşyň derwezesine girizdi.

2026-njy ýylda geçiriljek iri göwrümli sport çäreleriniň biri bolan futbol boýunça Dünýä çempionatynyň saýlama duşuşyklarynda milli ýygyndymyz «E» toparçada Özbegistanyň we Eýran Yslam Respunlikasynyň milli ýygynda toparlary bilen güýç synanyşar. Milli ýygyndymyzyn saýlama oýunlarynda ilkinji duşuşygy Ozbegistanyň Milli ýygynda topary bilen üstümizdäki ýylyň 16-njy noýabrynda geçiriler.

**Maral ŞAMUHAMMEDOWA,**
**Turkmen döwlet bedenterbiýe we sport institutynyň sport žurnalistikasy hünäriniň talyby.**

# Uniwersiadanyň gündeliginden



27-nji oktýabrda Uniwersiadanyň küşt ýaryşynyň netijeleri kesgitlenildi. Paýtagtymyzdaky Ýöriteleşdirilen küşt we şaşka mekdebinde geçen ýaryş ýurdumyzyň ýokary okuw mekdepleriniň toparlarynyň 20-sini bir ýere jemledi.

Gyzlaryň arasynda geçirilen ýaryşlarda Magtymguly adyndaky Türkmen döwlet uniwersitetiniň topary birinji orny, Türkmen döwlet bedenterbiýe we sport intituty ikinji, Türkmen döwlet binagärlik-gurluşyk instituty üçünji orunlary eýelediler.

Oglanlaryň arasynda geçirilen ýaryşlarda Türkmen döwlet binagärlik-gurluşyk institutynyň küştçülerine taý gelen bolmady. Olar ýaryşlara taýýarlykly gelendiklerini görkezip, birinji orny ynamly eýelediler. Ikinji we üçünji orunlary degişlilikde Türkmen döwlet bedenterbiýe we sport institutynyň hem-de Türkmen döwlet ykdysadyýet we dolandyryş institutynyň toparlary eýelediler.

Noýabr aýynda oglanlaryň woleýbol bäsleşigi, oglanlaryň hem-de gyzlaryň arasynda tennis, stol tennisi, şeýle hem bilýard ýaryşlary başlanar. Dekabrda talyp türgenler türkmen milli göreşi, grek-rim göreşi, dýuzdo, gandbol ýaryşlaryna çykarlar.

Ýeri gelende ýatlasak, «Türkmenistan — ruhubelentligiň we sagdynlygyň ýurdy» atly Uniwersiadanyň açylyş dabarasy geçen hepdäniň anna güni Türkmen döwlet bedenterbiýe we sport institutynyň köpugurly sport toplumy guralypdy. Dabaraly çärä sport hünärmenleridir ýokary okuw mekdepleriň talyp toparlary gatnaşdy.

**Jelil ŞAÝYRDYÝEW,**
**Türkmen döwlet bedenterbiýe we sport institutynyň sport žurnalistikasy hünäriniň 3-nji ýyl talyby.**

## Türkmenistan halkara sport gatnaşyklary ulgamynda

# HYTAÝLY TÄLIMÇILERIŇ TÜRKMENISTANA GELMEGINE GARAŞYLÝAR

Türkmen halkynyň Milli Lideri, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gurbanguly Berdimuhamedowyň Hytaý Halk Respublikasynda iş saparynda bolup, «Bir guşak, bir ýol» üçünji ýokary derejeli maslahatyň işine gatnaşandygy barada ozal habar berlipdi. Bu ýokary derejeli maslahatyň çäginde Türkmenistan bilen Hytaý Halk Respublikasynyň arasynda iki taraplaýyn hyzmatdaşlygyň dürli ugurlary boýunça gepleşikleriň birnäçesi guraldy. Onda sport boýunça hyzmatdaşlyga hem uly orun berildi.

«Türkmenistan» gazetiniň habar bermegine görä, HHR-iň Sport boýunça baş býurosynyň direktory Gao Çžidan: «Hytaý tarapy Türkmenistan bilen sport ugurly hyzmatdaşlygy işjeňleşdirmäge aýratyn ähmiýet berýär» diýip belleýär. «Şundan ugur alyp, biz ýurduň Bedenterbiýe we sport baradaky döwlet komitetiniň ýolbaşçysy bilen wideoaragatnaşyk arkaly duşuşyk geçirip, sport ulgamynda hyzmatdaşlygy ösdürmek barada özara düşünişmek hakynda hökümetara Ähtnamany amala aşyrmagyň mümkinçiliklerini ara alyp maslahatlaşdyk. Türkmen kärdeşlerimiziň haýyşy boýunça ýakyn geljekde türkmenistanly türgenleri taýýaralamak üçin hytaý tälimçisini ibermegi hem göz öňünde tutýarys» diýip belleýär.

Gao Çžidan şeýle hem türkmen ýygyndy toparynyň Hançžou şäherinde geçen tomusky Aziýa oýunlarynda görkezen oýunlaryna ýokary baha berip, türkmen tarapynyň sport hereketiniň Aziýada we bütin dünýäde uly meşhurlyga ýetmegi üçin hytaý tarapynyň hyzmatdaşlyga taýýardygyny belleýär.

Hytaý tälimçisiniň türkmen türgenlerine tälim bermek üçin ýurdumyza geljek wagty goşmaça kesgitleniler.

**Mamagül JORAÝEWA,**
**Türkmen döwlet bedenterbiýe we sport institutynyň sport žurnalistikasy hünäriniuň talyby.**

# TÄZE GÖRNÜŞLER OLIMPIÝA OÝUNLARYNYŇ SANAWYNA GIRIZILDI

Ozal habar berlişi ýaly, 2028-nji ýylda ABŞ-nyň Los-Anželes şäherinde geçiriljek Olimpiýa oýunlaryna sportuň ýene-de 5 görnüşini goşmak meýilleşdirilýärdi. Bu babatda şu ýylyň 15—17-nji oktýabrynda Hindistanda geçirilen Halkara Olimpiýa komitetiniň 141-nji mejlisinde degişli çözgüt kabul edildi.

Çögüde laýyklykda, flag-futbol, kriket, lakross, skwoş, şeýle hem beýsbol Olimpiýa oýunlarynyň sport maksatnamasyna girizildi.

Sportuň bu görnüşleriniň 3-si ozal Olimpiýa oýunlarynyň maksatnamasyna girizlipdi. Kriket 1900-nji ýyldaky Olimpiýa oýunlarynda, lakross bolsa 1904-nji we 1908-nji ýyllardaky oýunlarda göz öňünde tutulypdy. Beýsbol bilen softbol bolsa 1992-nji ýylda Olimpiýa oýunlarynyň sanawyndan orun alypdy.

Los-Anželesdäki Olimpiýa oýunlary 2028-nji ýylyň 14-nji iýulynda başlap, 30-njy iýulynda tamamlanar.

**Bägül GARAÝEWA,**
**Türkmen döwlet bedenterbiýe we sport institutynyň talyby.**

# TÜRKMENISTAN AZIÝANYŇ BOKS KONFEDERASIÝASYNDA

Türkmenistanyň wekiliýeti Bangkok şäherine gulluk iş saparyny amala aşyryp, bu ýerde Aziýa boks konfederasiýasynyň kongresine gatnaşdy. Bu ýerde geçirilen duşuşyklarda guramanyň işiniň jemleirne garaldy, sebitde sporty ösdürmek, türgenleri 2024-nji ýylda geçiriljek Olimpiýa oýunlaryna taýýarlamak meseleleri boýunça pikir alşyldy.

Türkmen tarapy halkara ýaryşlara işjep gatnaşmaga gyzyklanma bildirdi. Mälim bolşy ýaly, türkmen türgeni Baýramdurdy Nurmuhammedow Hytaýyň Hançžou şäherinde geçirilen Aziýa oýunlarynda 71 kilogram agramda çykyş edip, bürünç medala mynasyp bolupdy.

Geçen ýylyň aprelinde, Türkmenistanyň Prezidentiniň gol çeken resminamasyna laýyklykda, Parižde geçiriljek Olimpiýa hem-de Paralimpiýa oýunlaryna türkmen türgenleriniň ýygyndysyny taýýarlamak boýunça guramaçylyk komiteti döredildi. Şeýle hem bu taýýarlyk işlerine ylmy esasda çemeleşmeleriň möhümdigi bellenildi.

**Geldimyrat SOLTOWOW,**
**Türkmen döwlet bedenterbiýe we sport institutynyň sport žurnalistikasy hünäriniň 3-nji ýyl talyby.**

# AFK-nyň kubogynda toparlarymyz öz arasynda duşuşdylar

AFK-da bir toparçada çykyş edýän toparlarymyz «Merw» we «Altyn Asyr» öz arasyndaky ilkinji duşusygyny geçirdiler. Oýnuň netijesi boýunça «Altyn Asyr» ýeňiş gazandy.

Oýunyň birinji ýarymynda gol sesi çykmady. Duşuşygyň ikinji ýarymy örän gyzykly boldy. Oýnuň 60-njy minudynda Merwiň futbolçysy Kemal Annamuhammedow jerime urgudan owadan goly «Altyn Asyryň» derwezesine gönükdirmegi başardy. Oýunda Merw futbol topary öňe saýlanan hem bolsa, «Altyn Asyr» futbol topary soňky minutlarda hasaby deňlemegi we öňe saýlanmagy başardy. 84-nji minutda Rahman Myratdurdyýew hasaby deňledi.

Duşuşygyň esasy wagty tamamlanyp goşmaça wagtda 90+7 Selim Nurmyradowyň goly bilen «Altyn Asyr» futbol topary halkara ýaryşyň 3-nji tapgyrynda 3 utuk gazandy.

**Hakberdi ORAZOW,**
**Türkmen döwlet bedenterbiýe we sport institutynyň sport žurnalistikasy hünäriniň 3-nji ýyl talyby.**

# ÝYLYŇ EDERMEN TÜRKMEN ALABAÝY BELLI BOLDY

Oktýabr aýynyň soňky ýekşenbesinde Türkmen alabaýynyň baýramçylygy giňden bellenilip geçildi.

Şatlyk şowhuna beslenen bu dabara Halkara «Türkmen alabaý itleri» assosiasiýasynyň toplumynda giňden ýaýbaňlandy. Dabara Türkmenistanyň Mejlisiniň, ministirlikleriniň hem-de pudaklaýyn dolandyryş edaralaryň, jemgyýetçilik guramalarynyň, daşary ýurtlaryň we halkara guramalaryň, ýurtdaky wekilhanalarynyň ýolbaşçylary, şeýle-de Halkara «Türkmen alabaý itleri» assosiasýasynyň agzalary, kinologlar, itşynaslar we köpçülikleýin habar berişdeleriniň wekilleri gatnaşdylar. Baýramçylyk mynasybetli sergiler, maslahatlar, alabaýlary çeper beýan etmek boýunça döredijilik bäsleşikleri, aýdym-sazly çykyşlar we medeni çäreler guraldy.

Dabaraly çäräniň dowamynda geçirilen döredijilik bäsleşikleriniň, aýratyn-da «Ýylyň türkmen edermen alabaýy» atly halkara bäsleşiginiň jemleri jemlenildi. Türkmenistanyň Prezidentiniň degişli Kararyna laýyklykda, indi üçünji gezek geçirilýän bu halkara bäsleşigiň netijeleri boýunça «Ýylyň türkmen edermen alabaýy» diýen ada Türkmenistanyň Milli howpsuzlyk ministirligine degişli Akhan atly türkmen alabaýy mynasyp boldy.

Akhany ösdürip ýetişdiren Türkmenistanyň at gazanan itşynasy Begenç Bakeýewdir. Akhany Türkmenstanyň Milli howpsuzlyk ministrliginiň Harby bölüminiň esgeri Mergen Annamyradow idedýär. Halkara bäsleşigiň ýeňijisine Türkmenistanyň



Prezidentiniň Baş baýragy — awtoulagyň açary, ýörite medal, göçme kubok we diplom gowşuryldy.

Şol gün Türkmen alabaýynyň baýramçylygy mynasybetli dabaralar ýurdumyzyň dürli künjeklerinde dowam etdi.

**Jeren ABDULLAÝEWA,**
**Türkmen döwlet bedenterbiýe we sport inistitutynyň sport žurnalistikasy hünäriniň 3-nji ýyl talyby.**

# Sport üstünliklerimiz

Mälim bolşy ýaly, Arkadag Serdarly bagtyýar ýaşlar ýylymyz, ähli ugurlar bilen birlikde, milli sport ulgamynda gazanylan buýsandyryjy netijeleriň ýyly boldy.

Hançjou şäherinde geçirilen Aziýa oýunlarynda Lebap welaýatynyň Bedenterbiýe we sport baradaky Baş müdirliginiň Türkmenabat şäherindäki 7-nji sport mekdebiniň tälimçisi Aýnur Amanowa kuraş boýunça 52 gram agramda çykyş edip, bürünç gazandy.

Hançjou şäherinde geçen Aziýa oýunlarynda boks görnüşi boýunça 71 kilogram agramda çykyş eden Türkmen döwlet bedenterbiýe we sport institutynyň talyby Baýramdurdy Nurmuhammedow Oýunlaryň bürünç medalyny gazandy.

Hançjou şäherinde geçirilen Aziýa oýunlary milli türgenimiz Işanmyrat Ataýewe hem şöhrat getirdi. Işanmyrat kuraş boýunça 90 kilogram agramda çykyş edip, ýaryşyň bürünç medaly eýeledi.

Hançjou şäherinde geçirilen Aziýa oýunlarynda Türkmen döwlet bedenterbiýe we sport institutynyň talyby Maýsa Perdäýewa sportuň dzýudo görnüşi boýunça 57 kilogram agramda çykyş edip, Ýaryşlaryň bürünç medalyna mynasyp boldy.

Hytaý Halk Respublikasynyň Hançjou şäherinde geçirilen Aziýa oýunlarynyň netijeleri milli türgenimiz Baýry Baýryýewden hem sowa geçmedi. Baýry sportuň karate görnüşi boýunça 87 kilogram agramda çykyş edip, bürünç medaly gazandy.

Sportuň erkin göreş görnüşi boýunça çykyş edýän milli türgenimiz Döwletmyrat Orazgylyjow 86 kilogram agramda çykyş edip, bürünç medala eýe boldy.

Şulardan daşary hokkeý boýunça milli ýygyndy toparymyzyň Afrikada geçirilen hokkeý oýunlaryna gatnaşandygyny, olarda milli hokkeýçi türgenimiz Arslan Geldimyradowyň iň gowy oýunçy diýen dereje eýe bolandygyny aýtmak geçmek, megerem, mümkin bolmazdy.

Sport türgenlerimiziň ýokary sportda görkezýän şular ýaly ýokary netijeleri döwletimiziň sport abraýyny, hormatly Prezidentimiziň sport diplomatiýasyny dünýä ýene bir mertebe giňden ýaýmaga mynasyp goşantdyr. Milli türgenlerimize egsilmez şöhrat bolsun!

**Selbi BABANAZAROWA,**
**Türkmen döwlet bedenterbiýe we sport institutynyň Sport žurnalistikasy hünäriniň talyby.**

# Parahatçylygyň we dowamatyň nyşany



Garaşsyz Türkmenistan döwletimiziň hemişelik Bitaraplyk hukuk ýagdaýyna eýe bolmagy bilen, Döwlet baýdagymyzyň mazmunynda parahatçylygyň hem asudalygyň nyşany bolan zeýtun baldajygynyň peýda bolmagy aýratyn mana eýe boldy.

Zeýtun agajy taryhyň iň irki döwürlerinden bäri adamzat aňynda mukaddesligiň, ýagşy umydyň, ylalaşygyň nyşany hökmünde ýaşap gelýär. Gadymy döwürde ýazylan lukmançylyk bilen baglanyşykly kitaplarda onuň adam saglygyna peýdasy hakynda köp maglumatlar berlipdir. Baldajygynyň şekili berekediň alamaty hökmünde gadymy döwrüň pul birlikleriniň ýüzünde hem ýerleşdirlipdir. Ony «suwuk altyn» diýip hem atlandyrypdyrlar.

Dünýäde giňden ýaýran Nuhuň tupany hakynda rowaýat biziň halkymyzda hem uly meşhurlyga eýedir. Rowaýata görä, tupan sowlandan soň, Ýer ýüzünde sil suwlarynyň çekilendigini anyklamak üçin bir akja kepderini iberýärler. Ol çüňki bilen bir zeýtun baldajygyny alyp, gämä dolanyp gelipdir. Bu pursat tupanyň sowlandygyny, dünýäde asuda we parahat durmuşyň başlanandygyny aňladypdyr. Şondan soň akja kepderi parahatçylygyň buşlukçysy, zeýtun baldajygy bolsa asudalygyň we dowamatyň alamaty hökmünde aňlarda orun alypdyr.

Gadymy döwürde geçirilen Olimpiýa oýunlarynda we göreşlerde ýeňiş gazananlara zeýtun agajyndan örülen çemenler sowgat berlipdir. Olaryň başlaryna zeýtun çybyjaklaryndan örülen täç geýdirilip, içi zeýtun ýagyndan doldurylan amfora gowşurylypdyr.

Zeýtun agajynyň müň ýyla çenli ýaşap bilýändigi çaklanylýar. Ol ýylyň ähli paslynda ýaşyl öwsüp oturýar. Ýapraklary hiç haçan dökülmeýär. Dökülenleriniň ornuna hem täzeleri çykýar.

Dünýäde parahatçylygy, asudalygy, agzybirligi başlangyç edinýän Birleşen Milletler Guramasynyň Tugra meňzeş aýlaw görnüşli nyşanynyň tutuşlygyna zeýtun şahalaryndan we ýapraklaryndan emele gelendigini ýatlalyň. Sebitde ylalaşdyryjy merkez hökmünde öz üstüne alan wezipelerini abraý bilen berjaý edýän Bitarap Türkmenistan döwletimiziň Baýdagyndaky zeýtunyň goşa baldajygy şol zeýtun şahalaryndan alnan baldajyklardyr. Türkmenistan Birleşen Milletler Guramasy tarapyndan yglan edilen dünýäde ilkinji we ýeke-täk Bitarap döwletdir.

**Humaý MUHYÝEWA,**
**Türkmen döwlet bedenterbiýe we sport institutynyň sport žurnalistikasy hünäriniň 2-nji ýyl talyby.**

# Meýletinçileriň maslahaty

27-nji oktýabrda Türkmen döwlet bedenterbiýe we sport instituty tarapyndan 2023-nji ýylyň 23 — 28-nji noýabry aralygynda Aşgabatdaky Olimpiýa şäherçesiniň Başa-baş söweş sungaty sport toplumynda geçiriljek Kuraş boýunça dünýä çempionatynda hyzmat etjek meýletinçileri ýokary derejede taýýarlamak maksady bilen, Türkmenistanyň Bilim ministrligi we Türkmenistanyň Bedenterbiýe we sport baradaky döwlet komiteti bilen bilelikde ýokary okuw mekdepleriniň meýletinçi talyplarynyň gatnaşmagynda, okuw tanyşdyryş sapagy guraldy.

Mälim bolşy ýaly, meýletinçilik hereketi ýurdumyzda, esasan, Ýapyk binalarda we söweş sungaty boýunça V Aziýa oýunlarynyň guralmagy bilen, giňişleýin häsiýete eýe boldy. Dürli edara-kärhanalarynda, ýokary we ýörite orta okuw mekdeplerinde zähmet çekýän ildeşlerimiz, talyp ýaşlarymyz ýurdumyzyň sport abraýyny belent basgançaklara çykarýan iri sport çärelerinde meýletin hyzmatlaryny hödürlediler.

Sapaga gatnaşanlara Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe halkara ýaryşlaryň mekanyna öwrülen Türkmenistan diýarymyzda meýletinçilere berilýän üns barada aýdylyp, özlerine ynanylan jogapkärçilikli wezipeleri mynasyp amal etmekde täsirli maslahatlar berildi.

**Mährigözel SUWHANOWA,**
**Türkmen döwlet bedenterbiýe we sport institutynyň sport žurnalistikasynyň 3-nji ýyl talyby.**

# «Altyn top» baýragy gowşuryldy

Futbol äleminde iň naýbaşy baýraklaryň biri bolan «Altyn top» 30-njy oktýabrda öz eýesine gowuşdy.

Metbugatda we mediýada habar berilmegine görä, 2022 — 2023-nji ýylda Altyn top baýragynyň ses berilişiginde Argentinaly hüjümçi Lionel Messi Andres Guccitino wagtyndan öň ýeňiji diýlip yglan edildi.



Bu ýagdaý adatdan daşary hasap edildi. Lionel Messiniň 8-nji Altyn topy gazanmagy ähli janköýerlerini buýsandyrdy. 8 gezek Altyn top gazanan ilkinji futbolçy Lionel Messidir. Lionel Messiden soň, Kristiono Ronaldo 5 Altyn top gazanan ikinji futbolçydyr.

2022 — 2023-nji ýylda Altyn topuň ugrunda Messiniň esasy bäsdeşi norwegiýaly «Manchestr Citiniň» hüjümçisi Erling Halanddyr. Şeýlelikde, Lionel Messiniň esasy 2022-nji ýylda Katarda geçirilen futbol boýunça Dünýä çempionatynyň ýeňijisi bolmagy Altyn top ugrundaky bäsleşikde öňe saýlanmagyna uly kömek edýär. Argentinaly super ýyldyz 7 gol, 3 gol pasy bermek bilen ýaryşyň «Iň gowy oýunçysy» diýen ada eýe bolmagy başarypdy. Häzirki wagtda Lionel Messi MLS-nyň topary bolan Inter Maimide çykyş edýär.

Taryhda Altyn top baýragyna iň köp gazanan ýurtlara ser salsak:

Fransiýa 5 futbolçy bilen 7 sany Altyn top gazandy;

Portugaliýa 3 futbolçy bilen 7 sany Altyn top gazandy.

Argentina 1 futbolçy bilen 8 sany Altyn topy gazanmagy başardy. Ol futbolçy Lionel MESSI.

Netijede Lionel Messi G.O.A.T (greatest of all time — ähli döwürleriň iň gowusy) diýen ada mynasypdygyny ýene-de subut etdi.

**Žaloleddin BALTABAÝEW,**
**Türkmen döwlet bedenterbiýe we sport institutynyň sport žurnalistika hünäriniň 3-nji ýyl talyby.**

# Edebi-publisistik sahypamyz

## Milli tennis sportunyň taryhyndan



Türkmenistanyň tennis federasiýasy (TTF) 2023-nji ýylda özüniň döredilmeginiň 31 ýyllygyny belledi. Bu jemgyýetçilik sport guramasy 1992-nji ýylyň 14-nji aprelinde resmi taýdan hasaba alyndy we şondan bäri Türkmenistanda tennis sportuny ösdürmekde, ýaşlaryň arasynda tennis sportuny wagyz etmekde özüniň goşandyny goşup gelýär.

Türkmenistanda tennis bilen 1950-nji ýyllardan başlap giňişleýin meşgullanylyp başlanýar. Şol döwürler Aşgabatda, Maryda we Türkmenabatda sportuň bu görnüşi bilen meşgullanýanlaryň sany ýyldan-ýyla artyp başlady.

Enaelena Domnina Türkmenistanda ilkinji tennis tälimçisi bolupdy. Bu ugur bilen resmi ýagdaýda meşgullanýan tälimçi hökmünde ol Mary sport mekdebinde geljekki sport türgenleriniň köpüsine tälim beripdi.

E. Domninanyň şägirtleriniň köpüsi Türkmenistanyň öňdebaryjy türgenleri bolup ýetişdi. Olardan Larisa Kulakowany, Georgiý Bartnowskini, Walentina Alekseýewany, Olga Çistýakowany, Sergeý Osipýany we beýlekileri agzap geçmek bolar.

Türkmenistanyň Tennis federasiýasy 1997-nji ýyldan Halkara tennis federasiýasynyň (ITF) assossirlenen agzasy, 2003-nji ýyldan bäri doly hukukly agzasydyr. ITF-niň doly hukukly agzalygyna geçenlerinden soň, türkmen türgenleri dürli halkara tennis ýaryşlarynda garaşsyz topar hökmünde çykyş etmäge we olarda medallary gazanmaga hukuk aldylar. Garaşsyzlyk ýyllary içinde bu ugurdan ýetişen tälimçileriň we türgenleriň sany ep-esli derejede artdy. Şu güne çenli Türkmenistan boýunça ygtyýarlylandyrylan tennis tälimçileriniň umumy sany 40-a ýetýär. Şolardan 30-synyň halkara ITF tälimçilik şahadatnamasy bardyr. Sportuň bu meşhur görnüşi boýunça milli türgenlerimiziň sany 1500-den gowrakdyr.

Türkmenistanyň tennis federasiýasynyň alyp barýan işleri bilen baglanyşykly ähli maglumatlary özünde jemleýän resmi web sahypasy (ttf.gov.tm) hem bardyr. Bu web sahypa arkaly okyjylar tennis dünýäsindäki gyzykly habarlar, şeýle hem sportuň bu görnüşi bilen meşgullanyp boljak sport desgalarynyň ýerleşýän ýerleri, salgylary barada tanşyp bilerler.

2018-nji ýylda tälimçiler toparyny we ýolbaşçylary taýýarlamak, bäsdeşlik işini guramak, interneti ulanmak we web sahypasyny goldamak, ITF bilen gatnaşyklary berkitmek ýaly möhüm çäreleri amala aşyrýan TTF-niň Geňeşiniň täze düzümi işe başlady. Milli federasiýanyň halkara abraýyny ýokarlandyrmak maksady bilen soňky ýyllaryň dowamynda dünýä tennis sportunyň ussatlarynyň ussatlyk sapaklary yzygiderli guraldy.

Häzirki ajaýyp döwrümizde türkmen tennisçilerimiz, Gahryman Arkadagymyzyň, Arkadagly Gahryman Serdarymyzyp döredip berýän şertlerinden ýerlikli peýdalanyp, halkara derejeli ýaryşlarda, bäsleşiklerde üstünlikli çykyş edip gelýärler.

**Maksat BAÝRAMGULYÝEW,**
**Türkmen döwlet bedenterbiýe we sport institutynyň**
**sport žurnalistikasy hünäriniň 3-nji ýyl talyby.**

## SPORT WE SAGLYK BARADA PÄHIMLER

Saglyk durmuşyň beýleki ähli nygmatlaryndan has ýokarydyr, sagdyn dilegçi syrkaw patyşadan has bagtlydyr.

Artur Şopengauer.

Mümkin däl zady özüňizden talap ediň şonda siz iň ýokary derejä ýetersiňiz.

Dmitriý Klokow.

Şowsuzlyklardan çekinmäň. Hemmeler ýykylýar. Diňe käbir adamlar has çalt turýarlar, beýlekiler bolsa ýalan sözläp aglaýarlar.

Maýk Taýson.

Sport ähli ýaramaz endiklerden dynmak üçin gaty gowy kömek edýär.

Paulan Pol Belmondo.

Güýç fiziki ukyplara däl-de, egsilmez erklere baglydyr.

Mahatma Gandi.

**Meýlis ROZYÝEW,**
**Türkmen döwlet bedenterbiýe we sport institutynyň**
**3-nji ýyl talyby.**

## Ýeňişlerden ganat baglan türgenler

Ýaşyl Tugum al-asmanda parladýar
Ýeňişlerden ganat baglan türgenler.
Ýurdum üçin medallary paý edýär,
Ýeňişlerden ganat baglan türgenler.

Sport gözellikdir, sagdyn, berk beden,
Halallyga, adyllyga erk eden,
Ýaş nesiller ösýär erjellik bilen,
Ýeňişlerden ganat baglan türgenler.

Sport — sagdynlygyň bagtyň gözbaşy.
Ýaşlar — geljegmiziň göwherden gaşy.
Arkadagly Serdar — döwletim başy,
Ýeňişlerden ganat baglan türgenler.

Döwletim gülleýär — goýny lälezar,
Ilim bagtyýardyr, däl hiç zada zar,
Ösüşler siz bilen geljege uzar,
Ýeňişlerden ganat baglan türgenler!

**Şatlyk ŞAJANOW,**
**Türkmen döwlet bedenterbiýe we**
**sport institutynyň talyby.**





Arkadag Serdarly bagtyýar ýaşlar ýylymyz türkmen türgenlerimiz, şol sanddaa talyp türgenlerimiz üçin üstünlikli ýyllaryň biri boldy.

Bu şanly ýylda milli türgenlerimiz sportuň dürli görnüşleri boýunça halkara derejeli ýaryşlara gatnaşyp, döwletimiziň sport abraýyny, hormatly Prezidentimiziň sport diplomatiýasyny dünýä ýene bir mertebe giňden ýaýdylar.

Milli türgenlerimize egsilmez şöhrat bolsun!

Gülüstan MÄMMEDOWA,
Türkmen döwlet bedenterbiýe we
sport institutynyň sport žurnalistikasy
hünäriniň 1-nji ýyl talyby.

## HOWA MAGLUMATY GULLUGYNYŇ DÖREÝIŞ TARYHYNDAN

Häzirki zaman jemgyýetinde geljekki döwürde howanyň neneňsi boljakdygy hakynda maglumatlary takyk bilmek her bir ulgamda işleri talabalaýyk guramak üçin zerur şertleriň biridir. Daýhanyň ýere tohum taşlamagy, uçarlaryň howa giňişligine galmagy, gurluşyk işlerine girişilmegi, açyk asmanyň astynda medeni-köpçülikleýin, şol sanda sport çäreleriniň guralmagy we beýleki wajyp çäreleri geçirmek üçin şol pursatlarda howanyň nähili ýagdaýda boljakdygy aýratyn ähmiýete eýedir.

Meteorologiýa atmosferada bolup geçýän hadysalary öwrenýän ylymdyr. Meteorologiýa düşünjesini ilkinji bolup biziň eýýamymyzdan öňki 384 — 322-nji ýyllarda ýaşap geçen gadymy grek alymy Aristotel ylmy dolanyşyga girizipdir. Alym bizin eýýamymyzdan öňki 340-nji ýylda «Meteorologika» atly kitaby ýazypdyr.

1577 — 1644-nji ýyllarda ýaşap geçen gollandiýaly alym Wan Gelmonta howanyň temperaturasyny ölçeýän abzaly oýlap tapmak pikirini öňe sürýär. 1597-nji ýylda italýan fizigi Galileo Galileý ilkinji termometri oýlap tapýar. Termometr «therme» — «ýylylyk» we «metron» — «ölçemek» diýen sözlerden emele gelýär. Termometriň oýlanyp tapylmagy meteorologiýa ylmyna uly goşant bolýar. Ilkinji meteorologiýa stansiýasy XVII asyrda Italiýada açylýar. Stansiýalarda howanyň ýagdaýyny ölçemek üçin termometr, çyglylygy ölçemek üçin gigrometr, ýeliň öwüsýän tarapyny we tizligini ölçemek üçin flýuger we anemometr ýaly abzallar goýlupdyr. Ilkinji meteorolog hünäri we käri 1853-nji ýylda döredilipdir.

1950-nji ýylyň 23-nji martynda Bütindünýä meteorologiýa guramasy döredilýär. 1961-nji ýyldan başlap, her ýylyň 23-nji martynda Bütindünýä meteorologiýa güni bellenilip geçilýär. Türkmenistan döwletimiz bu guramanyň agzalygyna 1993-nji ýylda girdi. 1869-njy ýylda häzirki Türkmenbaşy şäherinde ilkinji meteorologiýa stansiýasy açylýar.

Taryhda howa maglumaty ilkinji gezek 1861-nji ýylyň 1-nji awgustda «Times» gazetinde Robert Fisray tarapyndan taýýarlanylyp halk köpçüligine ýetirilýär. 1922-nji ýylyň 14-nji noýabrynda howa maglumaty ilkinji gezek radiogepleşik arkaly habar berlip başlanýar.

**Arzuw ŞAÝYMOWA,**
**Türkmen döwlet bedenterbiýe we sport**
**institutynyň 1-nji ýyl talyby.**

# OLIMPIÝAÇY TÜRGENLERIŇ TAÝÝARLANYLÝAN ÝERINDE

## BIZIŇ SÖHBETDEŞLIGIMIZ

Türkmen döwlet bedenterbiýe we sport institutynyň Sportuň Olimpiýa görnüşleri fakultetiniň täze binalar toplumy 2020-nji ýylyň 1-nji sentýabrynda, Gahryman Arkadagymyzyň gatnaşmagynda, dabaraly ýagdaýda açylyp ulanylmaga berlipdi. Şondan bäri geçen üç ýyldan gowrak wagtyň dowamynda bu ýerde ýurdumyzyň sport abraýyny belent basgançaklara çykarjak milli türgenlerimizi taýýarlamakda önjeýli işler durmuşa geçirildi.

Ýakynda biz bu fakultetiň binasynda bolup, Mediki--bioligiki üpjünçilik kafedrasynyň mugallymy Begenç Garaýew bilen söhbetdeş bolduk.

— Begenç mugallym, ilki bilen Size ýurdumyzyň Olimpiýaçy türgenleri taýýarlamak işiňizde armaň diýip ýüzlenesimiz gelýär!

— Sag boluň! Gahryman Arkadagymyzyň başyny başlamagy we Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň mynasyp dowam etdirmegi bilen, ýurdumyzda bedenterbiýäni we sporty döwlet derejesinde



ösdürmäge aýratyn üns berilýär. Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň: «Ýokary sportda Türkmenistany dünýä tanatmak meniň esasy aladalarymyň biri bolup durýar» diýip belleýşi ýaly, Gahryman Arkadagymyzyň, Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň hut özleri sportda we sagdyn durmuş ýörelgelerini berjaý etmekde hemmämize görelde bolýarlar.

— Elbetde, talyp ýaşlarymyzyň sportuň Olimpiýa görnüşleri boýunça dünýä derejeli ýaryşlara, bäsleşiklere gatnaşyp, baýrakly orunlary eýelemekleri üçin, okuw, türgenleşik işleri bilen bir wagtda olaryň saglygy hakynda aladalar hem wajyp bolup durýandyr?..

— Dogry, dünýä derejeli ýaryşlarda, oýunlarda öňdäki orunlary eýelemek, ýeňiş gazanmak üçin talyp ýaşlarymyz bilen alnyp barylýan okuw-türgenleşik sapaklary bilen birlikde, olaryň her bir ýaryşdan, her bir türgenleşikden geleninden soň, beden we ruhy ýadawlygyny aýyrmak, saglygyny dikeltmek babatda lukmançylyk we beýleki häsiýetli çäreler bellenilýär. Munuň üçin fakultetiň binasynyň çäginde barlaghana (laboratoriýa) otaglary, fitnes zallary we beýleki okuw-türgenleşik otaglary bar. Olaryň her biri häzirki zaman ylmynyň we tehnikanyň iň täze gazananlarynyň hasabyna, halkara talaplaryna laýyklykda enjamlaşdyrylandyr.

— Bizi şu gün siziň iş ornuňyza gelmäge we siz bilen söhbetdeşlik guramaga iteren esasy sebäp sizde



Bedenterbiýe fakultetiniň sagaldyş hünäri boýunça bilim alýan talyplara hem tejribe, amaly işler bilen meşgullanmaga mümkinçilikleriň döredilendigi boldy.

— Hawa, bize Bedenterbiýe fakultetiniň sagaldyş hünäri boýunça bilim alýan talyplary dowamly goşmaça amaly sapaklara gatnaýarlar.

— Mümkin bolsa, ýene-de bir sowal bereýin: şu dowamly goşmaça amaly sapaklaryň esasy maksady nämeden ybarat?

— Söhbetimiziň başynda aýdyşymyz ýaly, bizde ýygyndy toparlarymyzyň her bir türgeniniň ýaşlardan, türgenleşiklerden dolanyp gelenlerinden soň, indiki ýaryşlara, türgenleşiklere sagdyn, ruhubelent ýagdaýda gatnaşmaklary üçin toplumlaýyn çäreler bellenilendir. Biz Bedenterbiýe fakultetiniň fiziki bejeriş-dikeldiş bedenterbiýesi hünärinde okaýan talyplary bejeriş bedenterbiýesi, fiziki-dikeldiş, owkalama ýaly ugurlar boýunça dowamly goşmaça amaly sapaklara çekmek bilen, olaryň arasyndan bu agzalan ugurlar boýunça aýratyn başarnykly talyplary ýüze çykarýarys.

— Diýmek, talyplar geljekki hünär ugurlaryny häzirden takyk ýerine ýetirilýän amaly-tejribe işleri esasynda kämilleşdirilýärler-dä? Bu babatda fakultetiň binasynda döredilen şertler hem aýratyn orun eýeleýän



bolsa gerek?

— Elbetde, talyp ýaşlarymyz geljekki hünär ugurlaryna hut institutymyzyň okuw-usuly we maddy-enjamlaýyn binýadynda taýýar hünärmenler bolup ýetişýärler. Sagaldyş-dikeldiş işleri barada aýdylanynda bolsa, bu ugurda fakultetimiziň binasynda häzirki zaman ylmynyň we tehnikasynyň iň täze gazananlary esasynda döredilen şertler talyplarymyzyň hyzmatynda. Bizde häzirki wagtda mediki-biologiki laboratoriýa otagy, fitnes zallary, dag şertlerini döredýän otaglar bar. Laboratoriýa otagynda türgenleriň funksional fiziki işjeňlik ýagdaýyny, dem alyş ukybyny, ýüreginiň urşuny, iýmit siňdiriş ulgamynyň işleýşini ölçemek üçin enjamlarymyz bar. Şeýle-de türgenleriň çakganlygyna, aýaklarynyň güýjüne gözegçilik edip, maslahatlary berýäris. Bu ýerde bedeniň ýaglylyk derejesini ölçeýän enjam hem bar. Oňa «Bot-pot» diýilýär. «Tredmil» diýen enjamda bolsa türgeniň bedeniniň ýüklenme berlen halatynda kislorody näderejede özüne alýandygyny ölçemäge mümkinçilik bar.

— Söhbetiňiziň dowamynda dag şertlerini döredýän otag barada hem aýtdyňyz?!.

— Dürli ýurtlarda, dürli derejelerde guralýan halkara, sebit ýaryşlarynda talyp türgenlerimiz



dürli tebigy howa şertlerinde çykyş etmeli bolýarlar. Şunda talyplarymyzyň islendik howa şertlerinde özlerini keýpiçag duýmaklary köp derejede olaryň ýaryşlarda ýeňiş gazanmaklaryny üpjün edip bilýär. Şu nukdaýnazardan, ylmy we tejribe esaslara daýanmak bilen, biz talyp türgenlerimiz bilen her gezekki ýaryşlara we türgenleşiklere çenli, şeýle hem olaryň her haýsyndan soň taýýarlyk we dikeldiş maksatly işleri geçirýäris.

— Begenç mugallym, sport, Olimpiýa oýunlary dünýäde parahatçylygy, dostlugy gorap saklamagyň, ösdürmegiň möhüm guraly. Size türgenleşdirýän talyplaryňyzyň döwlet we halkara derejeli ýaryşlarda üstünlik gazanyp, döwletimiziň sport abraýyny mundan beýläk-de belent basgançaklara götermeklerini arzuw edýäris.

— Sag boluň! Bize işlemäge, döretmäge, medeniýetli dynç almaga ähli şertleri döredip berýän Gahryman Arkadagymyzyň, Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň janlary sag, döwletli başlangyçlary hemişe rowaç bolsun!

**Söhbetdeşligi ýazga geçiren Maksat AMANNAZAROW,**
**Türkmen döwlet bedenterbiýe we spopt institutynyň sport žurnalistikasy hünäriniň 5-nji ýyl talyby.**

Talyp deň-duşlarymyz gutlaýarlar

# ÜSTÜNLIK HEMRAŇYZ BOLSUN!

Köpçülikleýin habar beriş serişdeleri ähli döwürlerde hem jemgyýetçilik durmuşynda möhüm orun eýeläp gelýär. Bu günki Garaşsyz, hemişelik Bitarap Türkmenistan döwletimiziň Gahryman Arkadagymyzyň başlangyçlary, Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň tagallalary netijesinde täze ösüşlere barýan Berkarar döwletimiziň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe ýurdumyzda bolup geçýän täzelikleri, ösüş-özgerişleri dünýä jemgyýetçiligine giňden ýaýmakda ol has-da aýratyn ähmiýete eýe bolýar.

Türkmen döwlet bedenterbiýe we sport institutynda sport žurnalistikasy hünäri boýunça bilim alýan talyp dostlarymyzyň — geljekki sport žurnalistleriniň ukyby, zehini we başarnygy bilen döredilen aýda bir gezek neşir edilýän «Talyp sporty» elektron gazetiniň ilkinji sany bilen tanşyp, biz bu ýerde ýurdumyzyň ýokary sportda gazanýan ajaýyp we buýsandyryjy netijelerini, ynamly ýeňişlerini giňden we many-mazmunly ýaýjak täze güýçleriň dörändigine göz ýetirdik.

«Talyp sporty» gazetiniň ilkinji sanynyň sahypalarynda milli sportda, şeýle hem institutyň durmuşynda bolup geçýän täzelikler, wakalar, ýokary okuw mekdepleriniň arasynda guralýan sport bäsleşikleri dürli žanrlarda we görnüşlerde giňişleýin beýan edilipdir. Ol öňde goýan maksatlaryna laýyklykda, geljekki sport žurnalistlerine öz ukyplaryny, zehinlerini we başarnyklaryny giňden açyp görkezmek üçin sözüň doly manysynda mynasyp münber bolupdyr.

Biz žurnalist dostlarymyzy «Talyp sporty» gazetiniň ilkinji sanynyň okyjylaryna gowuşmagy bilen gyzgyn gutlaýarys we deň-duşlarymyza okuwda we döredijilik işlerinde üstünlik, galamlarynyň ýiti bolmagyny arzuw edýäris. Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe, Arkadag Serdarly bagtyýar ýaşlar ýylymyzda Gahryman Arkadagymyzyň, Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň döredip berýän giň mümkinçiliklerinden peýdalanyp, Garaşsyz döwletimiziň sport ösüşlerini, hormatly Prezidentimiziň sport diplomatiýasyny dünýä jemgyýetçiligine ýaýmakda mynasyp goşantlaryny goşmaklaryny arzuw edýäris.

**Güljahan SAPARDURDYÝEWA,**
**Türkmen döwlet medeniýet institutynyň Syýahatçylyk fakultetiniň talyby.**

# Gözellik hem-de tebigata ýakynlyk



Dünýä ýurtlarynda iň giňden ýaýran sport görnüşleriniň biri golfdyr. Golf diýleninde, ilki bilen, göz öňüňe tebigatyň ajaýyp keşbi gelýär.

Ýylyň islendik möwsüminde oýnalýan bu sport görnüşi hem gözellik, hem tebigata ýakynlykdyr. Golf oýnamak akyl ýetirişi, ugurtapyjylygy, çeýeligi, çydamlylygy terbiýeleýär. Ol özi bilen meşgullanýan türgenleri ýa-da ýönekeý raýatlary arassa howada, ýaşyl otlara beslenen belentli-pesli, ýapgytly zolakda, azyndan, 6 — 7 kilometr ýoly ýöräp geçmäge ugrukdyryp, bedenimizi berkitmek arkaly saglygymyza oňaýly täsirini ýetirýär, gözellige teşne göwünlerimizi ýatdan çykmajak lezzetden gandyrýar.

Maglumatlara görä, golf oýny XV asyrda Şotlandiýada döreýär. Häzirki döwürde ol meşhurlygy boýunça dünýäde ikinji orny eýeleýär. 1971-nji ýylda belli astronawt A. Şepardyň Älem giňişliginde — Aýda ilkinji golf urgusyny amala aşyrmagy bilen, ol diýseň giň meşhurlyga eýe bolupdy. Bu oýun Amerika we Ýewropa ýurtlarynda çagalaryň aň babatda kämilligini ösdürmäge gönükdirilendir. Golf oýnamak çagada özüne bolan ynamy, tutanýerliligi, esasan-da, oýunda emin bolmaýanlygy üçin, garşydaşyna adamkärçilikli, dogruçyl we adalatly çemeleşmek ýaly gowy häsiýetleri terbiýeleýär.

Golf oýny boýunça ilkinji ýaryş onuň dörän ýeri bolan Şotlandiýada 1860-njy ýylda geçirilip başlanýar. Ol 2016-njy ýylda Braziliýanyň Rio-de-Žaneýro şäherinde geçirilen tomusky Olimpiýa oýunlarynyň hataryna hem goşuldy.

Häzirki wagtda ýurdumyzda golf oýny köpleriň höwes bildirýän hem-de meşgullanýan sport görnüşidir. Ak şäherimiz Aşgabadyň gözelligine görk goşýan, 70 gektara barabar çäkde ýerleşýän Golf klubunyň meýdançasynyň açylmagy bu ugurdan tejribeli türgenleriň kemala gelmegine itergi berdi. Şu ýylyň 16 — 22-nji oktýabry aralygynda Türkmenistanda Amerikanyň öňdebaryjy golf kompaniýasy — Niklausyň dizaýny bilen Jek Niklausyň gatnaşmagynda döredilen «Aşgabat» golf klubunda Golf boýunça ilkinji halkara çempionaty geçiriler. Munuň özi hormatly Prezidentimiziň sport diplomatiýasyny ýene-de bir mertebe dünýäde dabaralandyrjak, döwletimiziň halkara hyzmatdaşlygyny, şeýle-de ýurdumyzda sportuň golf görnüşini ösdürmekde möhüm waka öwrüler.

**Täzegül AZIZOWA,**
**Türkmen döwlet bedenterbiýe we sport institutynyň sport žurnalistikasy hünäriniň 4-nji ýyl talyby**

## AŞGABAT

Ak mermer binalaň bagtyň aklygy,
Ak gülleriň çeşmesi sen, Aşgabat.
Durmuşyň päkligi, ynsan şatlygy,
Gujagyňda jemlenendir, Aşgabat.

Dürdäne eserleň, sözleriň seri,
Mesgen tapman asla senden ileri,
Gözelligiň misli hüýr, peýker, peri,
Gülkamat kaddyňa haýran, Aşgabat!

Şan-şöhratyň çawy ýaýrap çar ýana,
Keşbiňden köňüller gelýär heýjana,
Läle-reýhanyňa bolup perwana,
Özgerşiňe guwanýarys, Aşgabat!

Öwüşgin gijeler, päkize säher,
Goýnuňda günlermiz mylaýym bahar,
«Merjen» adyn alan ajaýyp şäher,
Aziýanyň göwher gaşy Aşgabat.

Jahankeşdeleriň egläp nazaryn,
Şahyrlar bagş eder goşgy-gazalyn,
Arasynda Jeýhun bilen Hazaryň,
Gülläp ösýäň günbe-günden, Aşgabat!

**Şöhrat MYRADOW,**
**Döwletmämmet Azady adyndaky Türkmen milli dünýä dilleri institutynyň 5-nji ýyl talyby.**

## Литература

# Соловей туркменской классической поэзии

Одним из мастеров искусства слов туркменской литературы XVIII века является Шейдайы, который родился в 1732 году в Мангышлаке и прожил основной части жизни в Бухаре.

Шейдайы является тахаллусом, то ест литературным псевдонимом поэта. Его настоящее имя неизвестно до сих пор, и не имеются достоверные данные о том, где он учился в медресах.

По научным данным Шейдайы написал много стих и дастан «Гуль — Сенубер». Имя «гуль» означает цветка, а «сенубер» соловья. В дастане поэт рассказывает о любви к друг-другу молодой девуше-принцессе Гуль и молодого принца Сенубер. Увидев во сне своей возлюбленной Гуль, Сенубер собирается в далёкий, трудный пут, и преодолев всех трудностей, каких бы не встречал по пути, найдёт её.

Лирика Шейдайы очень богата и по тематически, и по словесности. Он был сторонником того, что туркменские читатели смогли читать произведению в родном языке.

Шейдайы закончил медресе и хорошо знал историю, родословную и культуру своего народа Будучи современником других великих туркменских поэтов Махтумкули Фраги, Абдулла Шабенде, Гурбанали Магрупи, Махмут Гаиби, он постоянно вспомнил о славных прошлых туркменского народа.

В этих строках Шейдайы сообщает, что родословное огузского, то ест туркменского народа состоит из 60-и поколений (слово «лакам» в контексте означает не кличек, а поколений) и обясняет, что у него языковая система всегда была одинаковая, то ест в одних и тех же словах встречаются или подряд мягкие гласные, или наоборот.

На стихи Шейдайы туркменские бахши пели многих песень. Например, Сахи Джепбаров и его сподвижники поют на словах Шейдайы песни: «Гетирди», «Чекди», «Ол яра саламымны», «Беглер», «Амман-амман», Махтумкули Карлыев и его последователи поют песни: «Карарым», Солтан Атанепесов и его ученики поют: «Яранлар», «Гелин». А мастера туркменской музыки — дутаристы играют музыку на его слова «Вагтыдыр».

В наше время мастера искусства слов как Шейдайы всегда пользуются уважением среди народов и читателей.

**Шасенем АШИРОВА,**
**студентка 3-го курса Туркменского государственного института физкультуры и спорта.**


## «Talyp sporty» gazetiniň redaksiýasy:

**Redaktor** — Agabaý Akmyradow.
**Redaktoryň institutyň içerki çärelerini beýan etmek boýunça orunbasary** — Madina Mahmudowa.
**Redaktoryň institutdan daşary çäreleri beýan etmek boýunça orunbasary** — Magüll Joraýewa (meýletinçi).
**Gazetiň jogapkär kätibi** — Gülnur Baýlyýewa (meýletinçi).
**Sport habarlary bölümi** — Annamyrat Halmedow.
**Medeni çäreleri wagyz etmek bölümi** — Bägül Garaýewa.
**Ylmy çäreleri wagyz etmek bölümi** — Jeren Abdullaýewa.
**Usuly çäreleri wagyz etmek bölümi** — Humaý Muhyýewa.
**Talyplaryň özbaşdak ylmy, usuly we döredijilik gözlegleri bölümi** — Gülüstan Mämmedowa.
**1-nji ýyl talyplary döredijilik işlerine gözükdirmek we halkara sport habarlary bölümi** — Geldimyrat Soltowow.
**Talyp gyzlar sporty bölümi** — Şasenem Aşirowa.
**Sport lukmançylygy, sagaldyş we ekologiýa abadançylygy barada habarlar bölümi** — Selbi Babanazarowa.
**Dünýä täzelikleri barada habarlar bölümi** — Meýlis Rozyýew.
**Terjimeler bölümi** — Selbi Bäşimowa (meýletinçi).
**Çärelerden suratlary düşürmek bölümi** — J.Baltabaýew.
**Gazetiň original-maket, çeper dizaýn bölümi** — Hakberdi Orazow.






Redaktor Agabaý Akmyradow

**REDAKSIÝANYŇ GEŇEŞI:**

J.Abdyllaýewa, G.Baýlyýewa, M.Mahmudowa, B.Garaýewa, M.Joraýewa, S.Bäşimowa, T.Aziziowa, M.Durdyýewa, A.Amanowa, G.Soltowow, A.Halmedow, J.Baltabaýew, H.Muhyýewa, G.Mämmedowa.

Salgysy: 744013. Aşgabat şäheri, Saparmyrat Türkmenbaşy şaýoly, 40-njy jaý.
Gazetiň asyl nusgasy Türkmen döwlet bedenterbiýe we sport institutynda taýýarlanyldy.

E-mail: tdbsi@sanly.tm

Türkmen döwlet bedenterbiýe we sport institutynyň elektron görnüşde, aýda 1 gezek neşir edilýän gazeti

Möçberi: 8 sahypa.